# Söz ýarasy bitmez

Category: Jemgyýetçilik tankydy,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Söz ýarasy bitmez SÖZ ÝARASY BITMEZ

Soňky wagtlarda käbir ýetginjeklerimiziň köpçülik ýerlerinde özlerini alyp baryşlaryndan o diýen göwnüň suw içmeýär. Şeýle gelşiksiz hadysalara awtobuslarda, köpçülik ýerlerinde häli-şindi duş gelmek bolýar. Ýetginjekler daş görnüşlerinden medeniýetli ýaly bolup görünseler-de, olarda salyhatlylyk, sypaýyçylyk ýaly häsiýetler duýulmaýar.
Olar oýlanyşmazdan aýdýan gödek sözleri bilen öz deň-duşlarynyň, erbet ýeri-de, gyz maşgalalaryň göwünlerine bitmejek ýara salýandyklaryny unudýarlar. Eger edepsiz ýetginjeklerimiz şol gyz maşgalalaryň ýerine özlerini (we özleriniň uýalaryny) goýup, oňatja oýlanyp görseler, bu işleriniň telekdigine göz ýetirerdiler. Şonuň üçinem gadyrdan ýetginjekler, geliň, birek-birege hormat goýup, mylakatly gürleşmäni başaralyň! Çünki sypaýyçylyk adamkärçiligiň, edebiň başy bolmaly ahyryn.

Jeren ANNAGYLYJOWA,
Gurbansoltan eje etraby. Jemgyýetçilik tankydy